# Käbäm ejem sen

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025



KÄBÄM EJEM SEN

Dokuz aý göterdiň, jahana geldim,
Özünde önderen, käbäm ejemsiň.
Aýawlap sakladyň, özümi bildim,
Ak süýdün emdiren, käbäm ejemsiň.

Hyk-çok etsem, basym ýetip gelensiň,
Ýerde goýman, gujagyňa alansyň,
Isleglerim görüp, aňlap bilensiň,
Aglamda diňdiren, käbäm ejemsiň.

Goraglansyň ýel, suw, otdan gabanyp,
Lak atansyň, ýylgyrşyma guwanyp,
Büdräýemde, ýüregiňden awunyp,
Agrymdan dyndaran, käbäm ejemsiň.

Şatlanansyň, begenjime bolşuma,
Ysgap, diň salansyň demi alşyma,
Guwanardyň, «ese-boýa»galşyma,
Gözlerin gandyran, käbäm ejemsiň.

Kämillik ýaşyna ýetmänkäk heniz,
Ganatyň gerensiň, gije hem gündiz,
Bir ene-atadan dokuz dogan biz,
Mährini siňdiren, käbäm ejemsiň.

Gara günler gördüň, çekdiň jepany,
Iki ogluň gaýtdy, «Bu dünýe pany»
Seni saýlap söýen, dädem jan hany?
Bagryny ýandyran, käbäm ejemsiň.

Şükrüň bardyr, gördüň agtyk-çowlugy,
Maksadyň myratdyr, «dünýäň gowlugy»,
Nesip etsin indi, söýmek ýuwlugy,
Ykbal oýandyran, käbäm ejemsiň.

Gutly bolsun, doglan günüň jan ejem,
Uzak ýaşa, «segsen bäşiň» şan ejem,
Saglykda gez mydam, ynjama hijem,
Otlary söndüren, käbäm ejemsiň.

Illi aýdar, baky bagt bagymsyň,
Güler ýüzüň görsem, göwün çagymsyň,
Başym gurban, ýene bergim bar onsoň,
Durmuşa gönderen, käbäm ejemsiň. Goşgular